# Jynsy lukmançylyk -13

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jynsy lukmançylyk -13 Ýigrimi birinji bap



Bu bapda aýallaryň öňdäki jynsy agzalaryndan başga ýerinden birleşmek, olaryň görnüşleri we atlary beýan edilýär. Bu

ugurda alym we ussat adamlardan Amr ibni Hafyzyň aýtmagyna görä, ýanbaş büzmeginden bileşmegi lezzetsiz hasaplamaklary we oňa ýigrenç göz bilen seretmekleriniň sebäbi lezzet almagyň nämedigini bilmeýändiklerindedir. Sebäbi jynsy gatnaşygyň kämil lezzetli bolmagy üçin ujydyň girýän ýolunyň üç sany aýratynlygy bolmalydyr.

1) Dar bolmagy.
2) Gyzgynlyk derejesi ýokary bolmagy.
3) Suklugy aramlyk bolmagy.

Bu sanalan aýratynlyklar köpülenç ýanbaş büzmeginde bolup ýoly ýylmanak bolandygy üçin ujydyň girmegi göýä süýem barmagyň girşi ýalydyr. Zehrin Uýunyň aýtmagyna görä, „Günlerde bir gün Çakka şäherinde Raşidiň bagynda gezelenç edip ýörkäm bir köşügiň içine girdim. Birdenkä gulagyma täsin bir ses eşidildi welin tisginip ýüregim jigläp gitdi. Men onuň bilbiliň saýraýşymy nämedigini aňşyryp bilmänim üçin ah çekip şol ses gelen taraba seretdim. Inçe billi uzyn boýly gözellikde deňi taýy bolmadyk, misli dünýäniň ähli owadanlygy berilen lagly-merjenden bezelen egin-eşik geýip müşk-anbar çalynan alkymy ak gar ýaly owadan bir gyz gördüm. Men ony gören dessine sabry-takadym galman näme bolsa görübereris diýip böýnundan gujaklap ýaňaklaryndan posa aldym. Gyzyň hiç garşylyk bermeýänini bilip göbeginiň aşagyna elimi uzatdym welin ýaňy tamdyrdan çykan nan ýaly gyzyp duran jynsy agzasyna elim degdi. Elimiň aýasy dolan badyna aljyrap näme etjegimi bilmedim. Meniň edýän herekedimi görüp ol „Men haçanam bolsaň taýardyryn, hany şuny hem gör” diýip köýnegini ýokaryk serpip aşak egildi-de „Näme üçin seredip dursyň” diýdi. Onuň aýna ýaly ak, tüýsiz arassa ýanbaşy bardy. Men onuň ýalysyny ozal görmändim. Ol ýanbaşy bilen meni öňdäki jynsy agzasyny unutdyrdy. Men ony ogşap gujaklap agzasyna ujydymy sokdym welin onuň ýaly lezzetli jynsy gatnaşykda ömrümde bolmandym. Jübütleşip bolanmyzdan soňra ol egin-eşiklerini çykaryp suwa girdi. Men onuň jynsy agzasyny synlap onuň ajaýyplygyny söz bilen wasp etmek ejizdim. Onuň bili-bykyny dagyň daşlaryna meňzeýärdi. Men hyrsymdan ýaňa özüme erk edip bilmän ony ogşap – dişlemäge başladym. Ol meniň bolşumy görüp ýylşaryp „Henize çenli aýalyň

arka tarapyndan ýanbaş büzmegine birleşmändiňmi?” diýip sorady. Men hem oňa „Ýüzden köpüräk birleşendirin” diýdim. Ol maňa „Näçe sany gatnaşyk şekilini bilýärsiň” diýdi. Men her bir şekilden başgasyny bilmeýärin, hemişe şol bir şekil bilen gatnaşykda bolýaryn” diýdim. Sen entek bu ugurda öwrenje ekeniň. Sen meniň ýanymda birnäçe wagtlap galsaň dürli şekillerde birleşip zowky-sapada bolardyk diýip näz-kereşme bolup meniň ýanyma golaýlaşdy. Ol meniň bilen dürli-dürli gatnaşyk şekillerinde birleşmäge başlady.

● Birinji gatnaşyk şekli.

Aýal meniň ýanyma sülmüräp gelip, näz bilen meni gysmaga başlady. Meniň doly şähwetimiň oýanany bilip köýnegini ýokaryk serpip ýüzün ýatdy. Ol maňa „Ujydyňa we ýanbaş büzmegimi tükürük çal we ýanbaşymy eliň bilen açyp ujydyňy ýanbaş büzmegime dire” diýdi. Men hem aýdyşy ýaly edip derrew silkinip, titiräp lezzetinden tas beýhuş bolupdym. Onsoň men sag-çepe çaýkanyp arasynda ýanbaşyny galdyryp boşaýança dürli-dürli şekillerde hereket etdim. Ony söz bilen düşündirmek mümkin däldi. Men onuň üstünden turup bu gatnaşyk şekiliniň ady näme?” diýdim. Ol bolsa „Bu şekliň adyna „kafsul beýz” diýilýär” diýdi. Ondan soň ol ýuwunup süpürünüp meniň ýanyma geldi. Ol köýnegini ýokaryk çekip kellesini aşak egip durdy. Ýanbaşyny ýokaryk galdyryp eline biraz tüýkürik alyp ýanbaş düzmegine çalyp ujydymy eline alyp süýkedi. Ondan soň ujydymy tutup ýanbaş büzmegine saldy. Ujydym balyk ýaly çyrpynyp girip çykýardy. Aýal näçe burny bilen iňlese meniň şonça-da şähwetim artýardy. Men onuň lezzetinden ganyp boşanymda ol maňa ýüzlenip, munuň adyna „Türki” diýilýär diýdi.

● Üçünji şekil.

Aýal gidip ýuwunyp-ardynyp meniň ýanyma geldi. Ol meni küýsetmek üçin oýnaklap öňümde oturdy. Ol maňa garap „Şular ýaly pagta kimin ýanbaşa birleşişiň ýaly ýerganat deý ýapyş. Onsoň ujydyňy sok ujydyň kellesi görünende çykaryp ýene sok” diýdi. Men hem onuň aýdyşy ýaly etdim. Ujydymyň hamyra barmak

batyrylýan ýaly bolanyny görüp meniň meýlim has-da güýjedi. Men boşan dessime ol maňa ýüzlenip munuň adyna „Nefhuttagam” diýip atlandyrylýar diýdi.

● Dördünji şekil.

Ýene-de öňküsi ýaly ýuwunyp geldi. Ondan soň oýnaşyp sypalaşyp şähwetim oýnandan soňra öňüme geçip ommalyp durdyda, ýanbaş büzmegini tüýkürükledi. Maňa bolsa „Ujydyň gurylygyna birleşdirde zor bilen sokup çykar” diýdi. Men hem bar güýjimi toplap aýdyşy ýaly etdim. Şol gezek hamala gyzlyk zaryny alýan ýaly zowky lezzetde bolup boşadym. Ol muňa „Hafy” diýip atlandyrylýar diýdi.

● Bäşinji şekil.

Ýene-de gidip ýuwunup gelip bir sellem dem-dynjymyzy alanymyzdan soň ol ýene-de maňa golaýlaşdy. Gyz öňüme gelip elini dyzynda goýup „Ujydyňy tüýküriklede ýanbaş büzmegime sürt. Onsoň güýç bilen birleşdir” diýdi. Men tüýkürigi az çalanym üçin ýanbaş büzmegine sürtünip bir geňsi ses çykmaga başlady. Men hereketlensem ol iňleýärdi. Men işimi bitirenimde ol muňa „Zarrar” diýip atlandyrylýar diýdi.

● Altynjy şekil.

Aýal ýuwunyp-tämizlenip biraz dynjyny alandan soňra meniň ýanyma geldi. Ol derrew öňüme gelip egildide ýanbaş büzmegini tükürükledi. Ujydyny oýnaşdyryp ýanbaş büzmegine diräp dübüne çenli sokdyrdy. Maňa bolsa „Çykaryp tüküriklede ýene içine sal” diýdi. Men hem aýdyşy ýaly birnäçe gezek etdim. Her gezek ujydymy sokup çykaranymda göwüs emilşi ýaly ujydymy içine çekip sorýanyny görüp gyjynyp boşadym.
Men ondan „Bu şekiliň adyna näme diýilýär?” diýip soradym. Ol bolsa munuň adyna „Metbat” diýip atlandyrylýar diýdi.

● Ýedinji şekil.

Ol aýak üstüne galyp döşüni diwara söýäp bilini egip ýanbaş

büzmegi görünende maňa „Ýeriňden turup ujydyňy turuzyp, ýanbaş büzmegime gabatlap sok. Ujydyň üçden bir bölegini çykarda ýene sok” diýdi. Men hem aýdyşy ýaly etdim. Näçe zarp bilen hereketlensem göýä şarpyk çalynýan ýaly ses çykýardy. Men şol ýagdaýda boşadym. Ol munuň adyna „Masfak” diýilýär diýdi.

● Sekizinji şekil.

Ýene–de bir gezek jynsy gatnaşykda bolanymyzdan soň ujydymy çykardym welin gülüň ysy ýaly ýakymly ys ýaýrady. Ol munuň adyna „Serdi” diýip atlandyrylýar diýdi.

● Dokuzynjy şekil.

Ol ýene öňküsi ýaly ýuwunup-ardynyp ýanyma geldi. Ol meni arkan ýatyryp panus ýaly parlap üstümde maňa arkasyny dönüp oturdy we ýuwaşlyk bilen egildi. Men hem şol ýagdaýda birleşdim we boşadym. Bu şekiliň adyna „Lülbi” diýilýär diýdi.

Bu mowzuga degişli Zirnehas şeýle wakany gürrüň berýär. Bir wagt men bir gyrnak satyn alypdym. Men onuň bilen hylwatda bolmak islänimde ol maňa „Gatnaşygyň usulyny bilýärsiňmi” diýip sorag berdi. Men hem oňa „Bilýän öwretsene” diýdim. Ol maňa jyny gatnaşykda lezzet almagyň iň gowy usuly; aýaly arkan ýatyryp aýaklaryny galdyryp jübütleşiler. Öňe yza hereket edilende ujydyň girip-çykýanyny seredeniňde küýsegiň has-da artar. Şol usul görä hereketlenip biraz säginiler. Erkekleriň iki sany ýoly saýlamaga mümkinçiligi bar. Eger erkek islese aýalyň öňde ýerleşýän jynsy agzasyna birleşip boşar, islese-de aýalyň ýanbaş büzmegine boşar. Bu usul bilen jynsy gatnaşykda bolmaklyga „Düzewk” diýip atlandyrylýar diýdi. men şol gyrnak bilen bir näçe jynsy gatnaşyk şekilinde jübütleşip zowky sapada boldum. Efiýolaly we Afrikaly garaýagyz aýallar ýanbaş büzmeginden jübütleşmäge höwesjeň bolýarlar. Olaryň jynsy meýli has güýçli bolandygy sebäpli, diňe öňdäki jynsy agzasyndan jübütleşmek bilen kanagatlanmaýarlar. Olaryň erkekleriniň käbirleri iki taraplaýyn hözürini görerler. Ýagny aýalyň kä öň tarapyndaky jynsy agzasyna käte ýanbaş

büzmeginden jübütleşýärler. Käbir adamlar aýallaryny söýýändikleri üçin öňdäki jynsy agzalaryndan başga ýerine birleşmezler. Käbir adamalar bolsa söýgüsini gizläp hiç aýalyň öňdäki jynsy agzasyna birleşmegi halamaýarlar.

Meniň bu betbagt köňlüm ýanbaşyň muşdagy boldy.
Çuň düýbüne birleşip aýşy eşretden gandyr meni eý parlak ýanbaş.

– diýip aýala meýli etmän beçelere göz gyzdyrar. Geň zatlaryň biri hem ylymda özüni görkezen materialistler we öňden görejiler aýallaryň öňdäki jynsy agzalaryny beýan edip birleşenlerinde başga ýerden birleşýärdiler. Olaryň aýtmagyna görä, aýalyň öňdäki jynsy agzasynyň birnäçe ady bardyr. Aýallaryň atlaryny ebjet hasaby bilen hasaplap olar bilen jynsy gatnaşykda bolmaklyga degişli san bolup, olaryň hasaplanmagy netijesinde ýörite bir söz çykýar. Ol söz aýalyň jynsy agzasyna delalat edýär. Meşhur „Kus” adyny hasaplanyňda segsen bolýar. Ozal hem bir söz hasaplanyldy onuň manysy dogry çykdy. Bu söz hem hasaplanylanda edil şolar ýaly netije çykýar. Manasy sowgat bolup gowy we päk diýmekdir. Ýene-de „Hanyň kesriýle hürdür” ýagny „Hanyň söweşip azat eden adamlary” sözlemi hasaplananda iki ýüz sekiz çykýar. Şol nuktaýnazardan seredeniňde „nagmi hujje” „nähili gowy” diýen sözlemini hasaplanyňda hem iki ýüz sekiz çykyp her sözüň sanyna gabat gelýär. Sözüň manysy aýalyň jynsy agzasy bolup „Nygmat” diýmekdir. Meşhur atlardan bolan „Fanyň fetne bilen ferçdir” „Fa harpyn üstün okalanda ferç ýagny aýalyň jynsy agzasy diýen netije çykýar. Ferç sözüniň harplaryny hasaplanymyzda iki ýüz segsen üç çykýar. Munuň garşylygy bolsa „Nigmel hasana” bolýar. Bu sözler hem şol möçberde bolup manysy „Aýalyň jynsy agzasynyň görk-görmegeýligi hähili owadan” diýmekdir. Şol sebäpden käbirleri aýalyň jynsy agzasyna „Ruhuň çeşmesi” diýip, ol ýere birleşilende alynýan lezzeti başgalary bilen deňeşdirip bolmaýandygy materiýalistleriň garaýşyna görä adaty bir zatdyr. Arap ýazyjylaryndan Ahmat bin Bezzar şeýle wakany gürrüň berýär:

„Bir gün men wagtymy hoş geçirmek üçin köçä çykyp oturdym. Bir seretsem bir aýal ýeriň gaýmagyny bozman, sülmüräp ýöräp gelýär. Men derrew gapyň bosagasynda durdymda özümi bildirmek üçin ýaňky aýala „Aý gözel hanym size bir matal aýtsam bilersiňizmi”? diýdim. Ol hem „Aýt eşideli” diýdi. Men hem aýtmaga başladym.

● Goşgyň terjimesi.

Ol nämedir bir garyşdyr boýy.
Düýäň örküjine meňzär bedeni.
Boýny buruk turdy kesilen gül ýaly.
Ol başyny galdyry serederdi ýola

Kellesi uly serçe emma gözi ýok.
Seredäýmäge agzy bar emma sözi ýok.
Gezip seýran eder emma aýagy ýok.
Her kim onuň bilen dostlaşar.

Janyňa şypa bolar lezzetli söhbeti.
Käte şa bolup agralar häsiýeti.
Aljyranda göm-gök bolar gül ýüzi.
Oňa garşy durmaga milti bolmaz hiç kimiň.

Ol mara meňzär diýerler köp kişi.
Diýýärler ýene-de meňzeýär börä.
Bir golça baldyr diýsem hakykat.
Gözel bedeniň meňzemez gaýry gözele.

Waspy – tarypy kem däl hiç haçan.
Onuň güýjini biler hemişe delil eýesi.

Bu goşgyny tamamlanymda ol „Betbagtçylyk bolmasyn sen dirimi ölümi, sowukmy gyzgynmy” diýip meni barlady. Men hem „Gözelim janym kä geler kä gider. Sen şeker çiňňiriginden halwa taýynlaýan halwaçy üçin öz taýýarlan halwasyndan has lezzetlidirsiň” diýdim welin düşünip gülümjiräp ýanyma geldi. Aýal ýüzünden perdäni galdyrdyda maňa „Men hem seniň aýdan matalyň garşylygyny bereýen. Sen ony gören badyňa gözüň nury

artar” diýip. Ol ýuwaşlyk bilen köýneginiň etegini ýokaryk galdyrdy welin ilki bilen göbegi göründi. Onuň ajaýyp teni kamfora bilen tene sanjylyp çekilen bal mumyna meňzeşdi. Üns bilen has aşagyrak seredenimde jynsy agzasy towşanyň kellesi ýaly tüňňeriň gylsyz ap-ak we arassa bolup durdy. Onuň ajaýyp agzasy, guşuň ýumurtgasy ýaly bolup, ony ýasamaklyk hiç hili başartmaz. Onuň ortasyndan çyzyk geçip iki bölege bölünipdir. Ony gören dessime meniň aklym başymdan uçup özümden gidipdirin. Ol meniň haýran galanymy görüp näz-kereşme bilen bir şygyr okap şeýle diýdi:

Galdyranda köýnegimiň etegin,
Açyldy gunça kimin göbegim.

Eger galdyrsam ýene biraz etegim
Görüner ok ýaly goşa peýkamym.

– diýip oýun edip içinden geçýän heýjanly pikirini äşgär edýärdi. Men hem oňa ýüzlenip „Hanym bu aýdanyňyz sizde barmy? Eger meniň bilen aýşy – eşretde bolsaňyz bilýän emellerimiň hemmesini size görkezerdim” diýdim. Ol bolsa „Baş üstüne geliň siziň hyzmatyňyzda dokuz sany gyz bar. Eger gelseňiz meýlis gurap oturarys” diýdi. Men hem oňa „Hanym siziň ajaýyp synaňyz bar” diýdim. Ol hem „Eger bize gelseňiz zowky – sapada bolup meýlis gurap oturarys” diýip meni ýaşaýan öýüne çagyrdy. Men hem ertesi gün egin-eşiklerimi geýip, bir kemsiz serenjam berip, ýola düşdim. Ol aýalyň öýüni tapyp gapydan girdim. Görsem bagyň içinde bir beýik köşük bolup daş töwereginde çeşmeler akýardy. Köşgüň öňünde akar howuz bolup suwy dirilik suwundan datlydy. Howzuň içinde perizatlar altyn balyk ýaly ýüzüşip oýnaşýardylar. Meniň ol gören aýalym göýä köşükden şöhle saçyp lowurdap gün dogan ýaly ýüz müň düli näz edip meni ýanyma çagyryp oturtdy. Men onuň gözel jemalyna seredip gujagyna dolup bal akyp duran lebinden näçe sorsam şonça höwesim artdy. Aýal hem meniň aşyklyk hyjuwymy görüp maňa bolan söýgüsi has – da güýjäp süýem barmagy bilen işarat edip dürli – dümen naharlar taýynlamagyny emr etdi. Kenizleri dessine buýrygy berjaý edip şerapdyr şerbeti aýna bulgura

guýdylar. Biz al–şerapalary içip keýpimiz göterilip dünýä gamyny unutdyk. Ol derrew eline dutaryny alyp.

Ruh dermanym şipa eýlär meýlis gurap oturanyňda.
Joşar köňül bulgur – şerapdan teşne bolup içeniňde.

– diýip aýdym aýtamaga başlady. Men hem onuň ugruna mes bolup. „Ah döneýin” diýip onuň heňine goşulyp aýdym hiňlenmäge başladym. Ol meniň ýagdaýymy görüp derrew dutarany bir gapdala goyduda boýnymdan gujaklap „Niçun sen ah çekýärsiň?. Biz bärik şady-horramlyga geldik. Ah çekip dady perýat etmäge gelmedik ahyryn” diýip uçgurymy çözüp ujydymy pagta ýaly ýumşajyk eli bilen oýnamaga başlady. Onuň özi hem köýnegini çykaryp jynsy agzasynyň üstüne elimi goýmagymy isledi. Men hem derrew elimi iki budunyň arasyna eltip, jynsy agzasynyň üstünde elimi goýdum. Ol maňa „Nämä dursuň” diýdi. Men hereketlenip başlanymda ol ýene-de „Masgara näme etjek bolýarsyň”? diýdi. Ol budumyň arasyny açdy welin sabry-kararym galman ýüzümi owkalap jynsy agzasynyň dodaklaryndan sorup dişlemäge başladym. Ol lezzetinden girýan bolup iňlemäge başlady. Ikimiziň hem şähwetimiz doly güýjäninde budunyň arasyna girdimde ujydymy jaýrylan garpyz ýaly bolup duran jynsy agzasynyň biraz aşagyndan ýokaryk süýkäp jynsy agzasynyň jan gapysy diýilýän ýerine ujydymy gabatlap göýä barmagy mesgä dürten ýaly sokdym welin lezzetinden ýaňa nähili hereket edenimi bilmedim. Birhaýukdan zowky-sapadan ganyp boşadym. Şol çaka çenli onuň ýaly gatnaşykda bolmandym. Esli wagtlap onuň bilen eden zowky-sapamy birentek adama gürrüň berdim.

## ■ Ýigrimi ikinji bap

Bu bapda aýallaryň küýsegi hakynda maglumat berilýär we olaryň jynsy isleginiň erkekleriňkä garanyňda güýçli bolýandygyny hekaýalar arkaly beýan edilýär. Patyşalaryň biri iki sany lukmany saýlap olardan „Erkegiň şähweti güýçlimi ýogsa aýalyň” diýip sorapdyr. Olar „Şähweti gowşak aýalyň şähweti, şähweti güýçli erkekden üstündir” diýipdirler. Patyşa „Muňa deliliňiz barmy”? diýýär. Olar hem „Patyşahym aýal bir günde birnäçe

gezek jynsy gatnaşykda bolup bilýär. Emma erkek bir günde on-on bäş gezekden artyk jynsy gatnaşykda bolmaga güýji ýetmez” diýdiler. Patyşa „Olar ýaly bolsa, size ýene-de şeýle bir sowalym bar” diýýär. Olar „Sowalňyzy aýdyň patyşahtym” diýýärler. Patyşa „Aýalyň şähweti erkegiňkiden üstün bolýan bolsa, näme üçin sukluklary erkegiň dölünden az bolýar? Şoňa jogap beriň” diýýär. Olar „Onuň sebäbi aýalyň suklygy döşünden inýär, erkegiňki bolsa arkasyndan akýar. Şonuň üçin, erkegiň döli gelende kän bolýar”diýýärler. Käbir lukmanlar bolsa, „Aýallaryň şähwetleri erkegiň şähwetinden güýçlidir. Emma olar şähwetlerini belli etmeýärler. Çünki olaryň utanma duýgysynyň güýçli bolýar. Erkekler kämillik ýaşyna ýetenlerinde häli-şindi (öz-özünden dölleri akar) ihtilam bolýarlar. Erkek näçe garrasa şähweti peselýär. Emma aýallaryň şähweti tersine bolup, garradykça şähweti artýar” diýýärler. Hekaýalaryň birinde şeýle diýilýär. Bir adam ýolda gidip barýarka ärzaýalyň söwüşip duranyna gabat gelýär. Obaň ymamydyr halky olaryň daşyna üýşüp „Sen günäkärde, sen günäkär” diýip olary ýaraşdyrjak bolup ala goh boluşyp duran ekenler. Obaň arçyny olaryň ýanyna gelip „Bulary iki-çäk goýuň” diýdi. Ol ýerde üşüp duran mähelle öýli-öýüne dargap gitdiler. Derrew adamsy aýalyň ellerini aşak goýberdip jynsy gatnaşykda bolmak üçin ogşap-gujaklanynda, aýalyň duşmançylygy derrew söýgä öwrüldi. Aýaly „Haçan-da, men adamym bilen gygyryşsam şular ýaly edýär. Men hem oňa meýil etmän durup bilemok” diýip gürrüň beripdir.

● Hekaýa.

Kanuny Ahmet diýip tanalýan bir adam bardy. Ol Kanun atly saz guralyny biçak oňat çalýardy. Ol dile çeper bolup söhbet gurap oturmaga ökde bolany üçin köpülenç toý-mejlislere çagyrylýardy. Ol şeýle bir wakany gürrüň berdi. „Günlerde bir gün meni bir ýere myhmançylyga çagyrdylar. Çagyrylan öýüme baranymda üç sany adam otyrdy. Olaryň herbiriniň ýanynda owadan gyzlar bardy. Men olary görüp gözeliklerine maýyl boldym. Şäherde şol ýaşda olar ýaly gözel gyzlar görmändim. Men olaryň jemalyna seredip aňkaryp galypdyryn. Men olardan „Siz haýsy ýurdyň perisi” diýip soradym. Olaryň birinjisi „Men

Müsür ilindendirin, beýleki biri men Şamlydyryn, üçünjisi bolsa men günbatar ýurtlaryň gözelidirin” diýip jogap berdi. Günbatardan gelen gözeliň jynsy agzasy köýnegiň eteginden belli bolup durdy. Onuň geýen geýimi owadan bolup, özüne şeýle biçak gelişýärdi. Onuň gözel görküne men haýran galyp oňa näçe seretsem içimden bir hasrat döreýärdi. Bahana bilen oňa seretmek üçin gülkünç hekaýatlar we jynsy gatnaşyga degişli gyzykly wakalary gürrüň bermäge başladym. Onuň keýpi göterilip şeýle bir güldi welin onuň sesini guşlar eşidip saýgaryp bilmezdi. Kahkaha bagynyň bilbiliniň saýraýşy ýaly onuň ajap gülkisine duzak gurmak üçin ah çekip öz içimden nalap hiç kime duýdurmadym. Şeýdip biz daňa çenli oturdyk. Daň atandan soň olaryň her biri öz gözellerini alyp ýatmaga gitdiler. Maňa hem aşyk bolan gyzymyň aýak ujynda ýatmaga ýer berdiler. Men serhoşlyk bahanasy bilen ýerime geçip ýatdym. Emma hiç gözüme uky kaklyşmady. Olaryň düşekleri diwaryň gyrasynda bolup, onuň bir tarpynda söýgülisi ýatyrdy, beýleki tarapynda bolsa diwar bardy. Onuň ýanyna golaýlaşmaga hiç hili mümkinçiligim ýokdy. Men bitakat bolup, eýläk-beýläk togalanmaga başladym. Bir görsem gyz ukydan oýanyp hereketlenmäge başlady. Men ony duýup „Eý taňrym maňa meded ber” diýip goşgyny ýatlap hümürdedim. Ol meniň iňleýänimi eşidip, ýuwaşlyk bilen ýerinden turup maňa seslenip, „Aý oglan näme iňleýärsiň?” diýdi. Men hem oňa „Lenbeý hanym meniň ýagdaýym biçak erbet” diýdim. Ol bolsa „Gadyrdan saňa näme boldy, näme üçin beýdip dert çekýärsiň?” diýdi. Men hem onuň uly ujydy halaýandygyny aňyp, „Sidik tutulma keseli başyma musallat boldy welin, ölendirin öýtdim” diýdim. Onuň maňa nebsi agyryp „Näme iş etmeli bolsa aýt ýerine ýetireýin” diýdi. Men hem oňa „Sizi bimaza edýärin welin bir gap bolsa daş çyksam rahatlardym” diýdim. Ol astalk bilen ýerinden turup meni daşaryk äkitdi. Bir seretsem ol balaksyz eken. Onuň butlary ak gardan ýasalan iki sütün ýalydy. Gap peşewden doldy. Ol elime suw akydanda bili meniň tenime degýänini görüp oňa bolan höwesim has-da artdy. Getiren gabyny elime alyp buş çykýan ýaly edip „Gülümjüräp sizi azara goýup gap getirtdim. Ýöne getiren gabyňyz kiçi boldy, eger mümkün bolsa, başga gap getirseňiz” diýdim. Ol gyz gidip başga

bir gap getirdi. Men hem „Bu bolar ýaşyňyz uzyn bolsun” diýdim. Buş çykanynda uzak wagtlap eglenmeýärdim. Emma şonda gabyz bolanym üçin, kän eglendim. Netije-de, men buş çykyp oňa „Meniň dadyma ýetişdiň, Taňry seni ýaman gözden saklasyn” diýip dileg etdim. Ol peşewli gaby dökmäge gitdi. Men onuň yzyna düşüp gitdim. Ol ýuwaşlyk bilen „Ahmet nähili uly ujydyň bar eken ilki getiren gabyp kiçi boldy” diýdi. Men oňa „Gözelligiňize bendi boldym, meniň ujydym aýallaryň jynsy agzasyna laýykdyr” diýdim. Ol meniň aýdan sözüme şähweti oýanyp agzy sujardy. Ol tutuş süňňi bilen titräp, „Ahmet gel maňa emeliňi görkez” diýdi. Men bolsa „Eý gözelim olar eşiderler bärde bolmaz, ýör howla gideli” diýdim. Howla çykanymyzda ol köýnegini galdyryp egilip durdy. Onuň ak merjen ýaly ýanbaşy görünende bilinden gujaklap ogşap–dişläp onuň öňdäki jynsy agzasyna ujydymy sokdym welin şolar ýaly lezzeti ömrümde almandym. Emma ol gyz tama edişi ýaly bolmandygym üçin taşşagymdan tutup bir şarpyk urdyda, „Ol maňa söwüp sen halky özüňe çekmek üçin ýalan sözläp akyllaryny- başlaryny aýlaýarsyň. Daň atsyn bakaly seni dardan asdyryp almytyňy berdirerin” diýip ýatýan jaýyna gitdi. Men hem oňa şeýle diýdim „Men işimi bitirdim eliňden geleniňi aýama” diýip ýatmaga gitdim. „Ir bilen hiç kim ukudan oýanmanka ökjämi göterdim” diýip gürrüň berdi. Jalinos bilen Bekrata şähwetiňi oýandyran hereket näme ? diýip soraldy. Olar hem „Görmek, ellemek, sesini eşitmek, ajaýyp inçe sesli aýdym diňlemek, gözel gyzlar bilen söhbet gurap oturmaklyk jynsy meýli oýandyrýar” diýip jogap berdiler. Olaryň içinde gurply bir adam bardy. Onuň jynsy küsegi gowşak bolany üçin özüne käbir şertleri taýýarlapdyr. Ol kynlyk bilen küýseýänligi üçin, gyrnaklaryndan halaýany bilen ýörite satyn alan gulyny gözüniň öňünde jynsy gatnaşykda bolmagyny buýruk berýärdi. Hojaýynlary bolsa, olara bakyp şähweti oýanandan soň guluny aýyryp özi gyrnagy bilen gatnaşykda bolýardy. Günlerde bir gün hemişeki ýaly gyrnak bilen gulunyň jynsy gatnaşykda bolmaklaryny emr etdi. Olar jynsy gatnaşykda bolanlarynda gyrnagyň has–da şähweti artypdy. Hojaýyn şol wagt ymtylyp gulunyň aýrylmagyny buýruk berende, gyrnak hojaýynyna ýüzlenip „Hojaýyn eger guluň

işini bitirmän aýrylsa ‚ol heläk bolar öýdüp gorkýaryn” diýdi. Hojaýyn hem oňa nebsi agyryp öz islegine basalyk edip, „Eger-de, men aýdýanyň bilen razylaşmasam sen ölersiňmi?” diýdi. Gyrnak bolsa lukman ýaly gürläp „Hojaýyn siz haýsymyzy saýlasaňyz biz kysmatymyza kaýyl bolup öleris” diýdi. Gyrnagyň aýdan sözüne hojaýynynyň ýüregi gyýylyp olary öz erkine goýdy. Soňra hojaýyn olary toý tutup öýlendirdi.

Başga bir hekaýa bolsa; Birnäçe adam ogurlyk etmek üçin bir öýe girýärler. Olar öýüň ähli ýerini sermenip är-heleý we bir goýundan başga hiç zat tapmaýarlar. Olar umyt edişleri ýaly bolmany üçin öýe girenlerine puşman edip, öz aralarynda gygyryşmaga başladylar. Ogrularyň biri şeýle diýdi, „Eger-de meniň aýdanyma gulak assaňyz, geliň adamsyny öldüreliň, goýny hem soýup etinden kebap bişirneliň, ýanymyzda bolsa, işdäaçar bilen şerap bar. Iýip – içip daňa çenli aýal bilen zowky-sapada bolarys” diýdi. Onuň aýdanyna ülpetleri hem ylalaşdylar. Är-heleý şol wagt uklamandylar. Olar ogrylaryň gürrüňlerini eşidip „Äri–heleýine eşitdimi aýdanlaryny diýip” sorady.Aýaly „Hawa eşitdim ýöne elimden hiç zat gelmeýär. Derde sataşsaň çäresi sabyrdir” diýdi. Adamsy „Saňa etjek zatlaryna seniň bar etmeli işiň sabyr etmek. Emma goýun janawer bilen men näme etmeli” diýenini ogrylar eşidip gülüp mes boldylar. Olar „Bu aýalyň aýdaýnyna serediňsene, ençeme ýyllap bile ýaşaşan ärini bir gijelik aýşy-eşrete çalyşdy. Köneler aýallara ynanmazlyk barada „Aýala ynanma, suwa daýanma” diýip örän ýerlikli aýdypdyrlar” diýip öýden çykyp gidipdirler. Medisina